# Jokrama yssy… Şäher merkezleri dem aldyranok

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jokrama yssy… Şäher merkezleri dem aldyranok ŞÄHER MERKEZLERI DEM ALDYRANOK. JOKRAMA YSSYLAR DÄL, BETONLAŞMALAR DOWZAHA DÖNDERÝÄR




Global maýlamalardan gözbaş alýan jokrama yssy howa bütin dünýäni gurşap aldy. Şäher merkezlerindäki başly-barat gurluşyklar we tokaý zolaklarynyň azalmagy gyzgynlygy çakdanaşa derejede duýmagymyza sebäp bolýar. Hernä oba ýerler bu babatda ganymat.
Synaň bir ýerini ýakmak üçin daşarda birküç sekunt durmak ýeterlik. ABŞ-nyň Finiks şäherindäki Arizona Ýanyk merkeziniň başlygy Kewin Foster gönüden-göni gün şöhlesini alýan asfaltyň we betonyň howanyň aşa gyzan günlerde 82° ýaly ýokary gyzgynlyga ýetip bilýänini aýtdy. Şeýle gyzgynlyga ýeten ýere ýalňyşybam galtaşmak teniňi ýakyp taşlamak bilen birlikde gaty erbet netijelere ýol açyp bilýär.
«Reuters»-iň habar bermegine görä, meteorologlar şäheriň iýul aýynda bassyr otuz günläp 43°-dan geçýän gyzgynlykdan ýaňa gowrulandygyny aýtmagynyň yzysüre bu hepde täzeden Finiksde gyzgyn howa akymynyň gelmegine garaşylýar Ýewropada şu tomus ýokary gyzgynlyk rekord derejä ýetdi we dünýäniň köp ýerinde gyzgyn howa akymlarynyň awgust aýyna çenli dowam etmegine

garaşylýar. Şol aşa gyzgynlygy Ýewropada bolşy ýaly Türkiýede-de duýýarys.




## • Asfalt örtügine galtaşylanda ýanyk emele gelýär

Finiksdäki jokrama yssy sebäpli lukmanlar asfalta ýa-da beton ýere düşüp, howanyň gyzgynlygyndan ýaň gyzgyn örtüklere galtaşanlaryň ýanygyny bejermäge başlandyklaryny we şu tomusda şeýle hadysalaryň kök gabat gelendigini aýdýar.

Tipiki taýdan has salkyn ýer gabygynyň gyzgynlygyna eýe seýilgähler we ösümlik örtükli zolaklar howanyň salkynlaşmagyna ýardam edýär. Ýer we ösümlik örtügi gün şöhlesini şäher jisimlerinden has gowy işläp, has az gyzgynlygy özüne kabul edip alýar.

Ýer gabygynyň gyzgynlygy daşky gurşawdaky zolagyň näderejede maýlajagy babatda aýgytlaýjy rol oýnaýar. Ýagny aşa gyzgynlygyň derejesi-de aslynda şäher içinde raýondan raýona üýtgeýär.

## • Jokrama yssy hasam beter edýär

Gyzgynlygyň akymy gelip guýýan wagtynda gün energiýasynyň ep-esli mukdary şöhlesine uçran ýer gabygyna siňýär we daşyna serpikýär. Bulam gyzgynlygyň belli-beter artmagyna sebäp bolýar. Şeýle gyzgyn ýer gabyklary soňabaka gyzgynlygy gurşap alýan howa geçirip, howanyň umumy gyzgynlygyny ýokarlandyrýar.

Şäher ýerlerde tipiki taýdan has az şöhle alýan we gün energiýasyny has az özüne siňdirýän beton üçek we beton

trotuar ýaly örtük serişdeleri bar. Şonuñ üçin şäherlerde gyzgynlyk hemişe ýokary bolýar. Şäherler ulaldygyça ýer gabygy has köp asfaltlanýar ýa-da binalar mermer bilen örtülýär. Bulam ösümlik örtügi bilen birlikde çyglylygyñam soñuna sogan ekýär.
Gök otluk meýdanlar ýa-da gumak ýerler ýaly käbir geçireññeç we çygly örtükler has az gyzgynlygy özüne sorup alýar, aslfalt ýa-da beton ýaly beýleki gurluşyk serişdeleri gün energiýasynyñ 95%-ne çenli özüne sorup bilýär we bulam soñabaka töweregindäki atmosfera ýaýylýar.

## • Howanyñ ýagdaýy boýunça maglumatnamalar we duýulýan gyzgynlygyñ tapawudy

Termometriñ 38°C görkezýän günlerinde bu gyzgynlygy köplenç meteorologlar ýer gabygyndan bir metr ýokardaky howany ölçäp aýdýar. Emma bu gyzgynlyk asfalt ýa-da beton örtüklerde 65°C-den has ýokary gyzgynlyga ýetip we bulam deri ýanyklaryna sebäp bolup bilýär. Şol gyzgynlyk derejesiniñ tapawudyny bilmek we şikes almalaryñ öñüni almak üçin degişli işleri geçirmek gerek.




## • Şäher gyzgynlygyñ ojagy (городской остров тепла)

Şäherleriñ gurluşyk ýagdaýy ilatyñ gyzgynlygy nähili duýjagyny kesgitleýär. Şäherlerde tebigy we geçireññeç gabyklaryñ (otluk we gumak ýerler ýaly) ýerini jaýlar we ýollar ýaly bu ýagdaýyñ

düýbünden tersine bolan gurluşyklar tutýar. Bu ýagdaý klimaty öwrenijileriñ «şäher gyzgynlygynyñ ojagy» diýip atlandyran şäherlerde ýakyndaky oba ýerlere garanda ep-esli mukdarda has ýokary gyzgynlyklara uçraýan zolaklar döredýär.

- **Okuw jaýlary we hassahanalar gyzgynlyk ojagynyñ penjesinde**

Bular şol bir wagtyñ özünde adamlaryñ gür ýaşaýan ýerlerinden emele gelýär. Ýewropa bileleşiginjñ Daşky gurşaw boýunça agentliginiñ berýän habaryna görä, Ýewropada şäherlerdäki okuw jaýlarynyñ we hassahanalryñ ýarsyna golaýy şäher gyzgynlyk ojagynda ýerleşýär we klimat üýtgeşmesiniñ täsirleri ýaramazlaşdykça garawsyz galan ilatyñ saglygyna howp salýan gyzgynlyklara uçradýar.




- **Agşamlaryna gyzgynlygyñ tapawudy hasam ulalýar**

ABŞ-nyñ Daşky gurşawy goramak boýunça agentliginiñ berýän habaryna görä, bir million ýa-da ondanam köp adamyñ ýaşaýan şäherinde ýyllyk howanyñ ortaça gyzgynlygy töwregindäki zolaklardan 1-3°C -danam gyzgyn bolup biler. Açyk we ümsüm gijede gyzgynlygyñ tapawudy oba ýerlere garanda 12°C-ä ýetip bilýär.
NASA-nyñ «Landsat-9» emeli hemrasy tarapyndan surata düşürilen termal gyzylañyrsy fotosuratlar ýer gabygynyñ gyzgynlygyny görkezýär. Has gyzgyn gabyklar tipiki taýdan oturymly ýerlere gabat gelen bolsa, ösümlik örtügi bilen gurşalan ýerler oña garanda sowuk.

Şäherleýin gyzgynlygyň ojagy birnäçe faktoryň jemlenmegi bilen emele gelýär. Gök zolaklar we ösümlik örtügi ewapotranspirasiýa arkaly ýer gabygynyň gyzgynlygyň pese düşürilmeginde aýgytlaýjy rol oýnaýar, ösümlikler suwy daşky gurşawdaky howa goýberip, ojakdaky gyzgynlygy gowşadýar. Şeýle-de şäherleýin geometriýa öňüni alyşy gurluşyklary bilen agşamlaryna gyzgynlygy saklaýar. Gündizine alynýan aşa gyzgynlyklar şeýdip içerde galýar we gijelerine-de aşa gyzgynlyk sebäpli problema öňküligine galýar.
Şol sanda şäher ýerleri tebigy ýer gabygyna garanda has köp gyzgynlygy özüne çekip alýar. Bulam gyzgynlygy hasam ýokarlandyrýar. Şular ýaly faktorlara dogry düşünip, has salkyn we ýaşamaga amatly şäherler döretmek, aşa gyzgynlygyň döredýän «dowzahynda» dem almagy añsatlaşdyryp biler.
Termal hemranyň surata düşüren görnüşleri şäherleriň termal profillerini ýerli peýzaža bagly ýagdaýda has gyzgyn we has salkyn gyzgynlyklaryň ýaşalýan zolaklaryny orta goýýar.
Seýilgähleriň şäherleriň gyzgynlygynda döredýän tapawudy şäher-gurluşyk bilen ýokary gyzgynlyklary azaltmaga ýardam edýän gök zolaklaryň arasyndaky aýgytlaýjy sazlaşygy görkezýär. Kiçeňräk gök zolaklaram tapawut edip bilýär. Gresiýanyň paýtagty Afinyda şäher taslamaçylary «jübi seýilgählerini» döredip, bu boýunça oňyn işleri alyp barýar. Afiny şäheriniň munisipalitetiniň başlygy Kostas Bakoýannis «Maksadymyz gök zolaklary döretmek, gyzgynlygyň derejesini pese düşürmek, ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak we şäherde täze dem alyş nokatlaryny döretmek» diýdi.

«OKSIJEN» gazeti, 01.08.2023 ý. Publisistika